# Akylly däli

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Akylly däli AKYLLY DÄLI




Ýurtlaryñ birinde dälihana salynanlaryñ arasynda şol ýurduñ birmahal at-owazasy jümle-jahana ýaýran adamlaryndanam biri bar eken.
Narsisizme doly özüni aldyran bu adam indi ýykyk diwaryñ düýbünde, kellesini iki eli bilen tutup, dyzlaryny garnyna diräp, tirseklerini garny na dirän iki aýagynyñ arasyna gysylgy ýagdaýda oý-pikire batyp otyrka, ony uzakdan synlan başga bir däli:
– Eh-eý, dostum, saña bir tibet hekaýatyny aýdyp bereýinmi? – diýipdir.
Tibet hekaýaty!
Hamana dagyñ depesinde aýdylanda, sözleriniñ has manyly bolýandygyna güpbe ynanýan «akylly däli» öz toslan hekaýatlaryna «Tibet hekaýaty» adyny beripdi.
Ol öz hekaýatlaryndan birini eşderin öýtdi.
Gözleri tegelendi, kellesini ýuwaşlyk bilen öwrende onuñ nazarynda ýañsylaýjy alamatlaryñ bardygyny duýmak kyn däldi.
Emma «akylly däli» oña seredenokdy. Ol gözüni penjirä dikip, hekaýatyny gürrüñ bermäge başlady:
– Iki sany oba bar eken. Biri demirgazykda, biri günortada,

birinde gara geýerlermiş, birinde-de diñe ak. Bu iki obada ýaşaýanlar biri-birlerine şeýle bir jetmişler welin, biri ýere ynansa, biri howa ynanypdyr. Biri Günden tutsa, beýlekisi Aýdan tutupdyr. Gynansak-da, bu iki oba ynançlary sebäpli tutuş müñ ýyllap urşup gelenmiş. Uruş şeýle bir uzaga çekipdir welin, iki obanyñ ilaty-da çekýän ýitgileri zerarly kiçelibildigine kiçelipdir. Sanlary barmak büküp sanardanam azalan ýagdaýa gelende, ahyrsoñy ýaraşmaga mejbur bolupdyrlar we her kim özünkini dogry etmäge tarapdar tapmak üçin hemmesi birlikde şol ýurduñ iñ dana adamyny görmek üçin sebitiñ iñ belent dagyna çykypdyrlar.
Kyrk güne çeken muşakgatly dyrmanyşdan soñ dana adamyñ çatmasyna baryp ýetipdirler. Olar dana adamyñ öñüne geçip, öz ynançlarynyñ dogrudygyny, artykmaçlyklaryny sanapdyrlar. Iki tarapyñam aýtjak zady gutaransoñ, dana adam az-owlak pikirlenip oturypdyr we şeýle diýipdir:
– Gadym bir ynanja görä, adam geçmeli ýoluny tamamlanda, özüni jennet bilen dowzahyñ arasyndaky aýnada görermiş. Bu aýna ol adamyñ dünýäde geçiren müddetinde hemme babatda amala aşyryp bolaýjak, ýetip bilinäýjek mümkinçiligi berermiş. Ruh özüniñ bolup biläýjek iñ gowy wersiýasy bilen bolmagy saýlap alan wersiýasynyñ arasyndaky tapawudyny şol aýnada şeýle bir gowy görüpdir welin, bolaýmaly zatlaryñ bolmandygynyñ, ýagny doldurmadyk mümkinçiliginiñ puşmanlygyna eýlenermiş.
Ine, şol puşmanlygam ruhyñ dowzahymyş…
Öz wersiýasyny tamamlamaga golaýlaşanlar-a, jennetiñ huzuryna gowşupdyr, çünki ol huzur dünýäde eden ýagşylyklaryndan peýdalananlaryñ olara eden doga-dileglerinden üýşermiş.
Adamyñ ýoly diñe başga birine ýol açanda açylarmyş.
Iki obanyñ adamy biri-birlerine seredişip, her kim özünkini dogry etmek üçin birnäçe günläp dyrmaşan dagynyñ başynda dana diýilýän adamyñ näme samrap oturandygyna düşünjek bolupdyrlar…
Emma düşünip bilmändirler. Ahyrynda biri çykyp sorapdyr:
– Gowy hekaýat eken, ýöne munuñ biziñ aramyzdaky oñşuksyzlyga näme dahyly bar?
Dana kişi myssa ýylgyrypdyr-da, gepini düşündiripdir:
– Nämä ynansañyz şoña ynanyñ. Ähli ynançlar, pelsepeler, ideologiýalar, düşünjeler, pikirler adama bolup biläýjek iñ gowy wersiýasyny tapmagyna ýardam etsin diýip, ýer ýüzüne ýerleşdirilen ulaglardyr. Siz bolup biläýjek iñ gowy ýagdaýyñyza öwrülmegi bir gyra zyñyp, haýsyñyzyñ ulagy has

gowy diýip, öz arañyzda dawalaşyp başlasañyz, mümkinçilikleriñiziñ üstüni doldurmak beýlede dursun, adam şekilli adam bolup bilmersiñiz.
Ömrüñiz ökünç bilen, puşman bilen geçer we mümkinçiligiñiziñ aýnasynda göze ilmersiñiz. Indi dawalaşmagyñyzy goýuñ. Iñ gowy ulag – elindäkisi nähili bolanda-da, elmydama elindäkini ussatlyk bilen ulanmaga dyrjaşýanlardyr.
Hekaýat soñlandy.
Ol gelen geñsiligine tarap sessizje ýöräp gitdi.
«Däli» ol aýnany göz öñüne getirdi, häzir şoñ öñünde bolsa, özüne görkezilen iñ gowy wersiýadan ýagdaýy näderejede tapawutlanýardy?..
Hemmeleriñ tanaýan, alkyş okaýan, öwülýän, görübilmezçilik edilýän biri bolup bilipdi, emma tapawut döredip bilipmidi?
Tanalmak, öwülmek, görübilmezçilik edilmek derejemi?..
Gözüniñ owasy doldy, däliniñ gürrüñ beren hekaýatynda özüñi tapmak kyndy.
Emma durmuş her pursatda milliardlarça yşaratçysydyr yşaraty arkaly biziñ bilen gürleşýärdi.
Aýdylanlara gulagymyzy ýapsagam, görkezilenlere ýüzümizi öwürsegem, duýdurylanlara garşy söweşsegem… näme etsek edeliñ, oýlandyrýanlary bilen aklymyza iru-giç aralaşyp bilýärdi.
Bize her hyýanatymyzyñ jogabyny berýärdi, emma dogry ýol bilen ýöränler ol aýnanyñ öñünde buýsanç bilen başydik durup bilýärdi.
Adamyñ bütin dünýä eýe bolup, öz ruhuny ýitirmeginiñ özüne näme peýdasy bar?
Wessalam.
Ömer ÖMERI.

Penşenbe, 14.05.2020 ý. Oýlanmalar